Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
— BIZ PARAHATÇYLYGYŇ WE ADAMZADYŇ SAZLAŞYKLY ÖSÜŞINIŇ BÄHBIDINE ÖZ GOŞANDYMYZY GOŞMAGA HEMIŞE TAÝÝARDYRYS.

Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi

#25 (256)
четверг, 19 июня 2025 года

Интернет газета
Международные новости

Esaslandyryjy – Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi

Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji awgustyndan bäri çykarylýar



# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI



Häzirki wagtda ýurdumyzda milli ykdysadyýetimiziň ähli ugurlaryny toplumlaýyn ösdürmek boýunça alnyp barylýan işler üstünliklere beslenýär. Muňa 13-nji iýunda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň sanly ulgam arkaly geçiren Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisi aýdyň şaýatlyk edýär. Onda döwlet durmuşyna degişli birnäçe meselelere seredilip, Mejlisiň Başlygynyň maglumaty, wise-premýerleriň hasabatlary diňlenildi. Döwlet Baştutanymyz milli ykdysadyýetimiziň pudaklaryny ösdürmek bilen bagly öňde durýan möhüm wezipelere ünsi çekdi we bu babatda degişli ýolbaşçylara anyk tabşyryklary berdi.

### MILLI KANUNÇYLYK KÄMILLEŞDIRILÝÄR

Ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek boýunça kabul edilen maksatnamalardan ugur alnyp, Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan döwletimiziň ykdysady, syýasy, medeni durmuşynyň dürli ugurlaryna degişli kanun taslamalaryny taýýarlamak boýunça işler alnyp barylýar. Şeýle hem Mejlisiň deputatlary daşary ýurtlaryň parlamentleriniň hem-de halkara guramalaryň wekilleri bilen ikitaraplaýyn gyzyklanma döredýän meseleler boýunça hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny alyp barýarlar. Şol bir wagtda olar döwlet edaralary tarapyndan halkara düzümler bilen bilelikde geçirilen duşuşyklara we okuw maslahatlaryna gatnaşdylar, Täjigistan Respublikasynyň Duşenbe şäherinde hem-de Bosniýa we Gersegowinanyň Saraýewo şäherinde iş saparlarynda boldular.

### TÜRKMENISTAN — BMG: KÖPUGURLY HYZMATDAŞLYGY ILERLEDIP

Birleşen Milletler Guramasy we onuň ýöriteleşdirilen düzümleri bilen köpugurly hyzmatdaşlygy ösdürmek Türkmenistanyň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi bilen BMG-niň Ösüş maksatnamasynyň arasynda durmuşa geçirilýän degişli sebitleýin taslamanyň ikinji tapgyrynyň çäklerinde Aşgabat şäherinde we welaýatlaryň 6 etrabynda ýerleşýän, şu ministrligiň garamagyndaky zähmet we ilatyň iş üpjünçilik bölümlerinde okuw-maglumat merkezlerini döretmek göz öňünde tutulýar. Munuň özi ýurdumyzda ýaşlara degişli hünär okuwlaryny geçmek arkaly olaryň mümkinçiliklerini giňeltmäge we beýleki maksatlara gönükdirilendir.

### NEBITGAZ TOPLUMY DÖWREBAPLAŞDYRYLÝAR

Nebitiň çykarylýan möçberini artdyrmak, öndürilýän önümleriň hilini ekologik standartlaryň talaplaryna laýyk getirmek ýurdumyzyň nebiti gaýtadan işleýän zawodlarynyň esasy wezipeleridir. Şoňa görä-de, «Türkmennebit» döwlet konserniniň Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynyň tehnologik desgalarynyň degişli awtomatik ulgamyny döwrebaplaşdyrmak boýunça zerur işler alnyp barylýar. Munuň özi toplumyň önümçilik-tehnologik desgalarynyň bökdençsiz we ygtybarly işlemegini üpjün etmäge ýardam berer.

### MÖWSÜMLEÝIN IŞLER ÜSTÜNLIKLERE BESLENÝÄR

Oba hojalyk pudagynda we welaýatlarda möwsümleýin oba hojalyk işleri üstünlikli ýerine ýetirilýär. Husussan-da, häzirki wagtda galla hasylyny gysga wagtda ýygnap almak boýunça işler dowam edýär. Şunuň bilen bir hatarda, gowaça ekilen meýdanlarda agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda hatarara bejergi, mineral dökünler bilen iýmitlendirmek, ösüş suwuny tutmak işleri alnyp barylýar. Daşoguz welaýatynda şaly ekilen meýdanlarda ideg işleri, Lebap welaýatynda bolsa şaly ekişi dowam edýär. Mary welaýatynda güýzlük gant şugundyry ekiljek meýdanlarda sürüm, tekizlemek, geriş çekmek işleri alnyp barylýar. Şeýle hem ekiş geçirilen ýerlerde gögeriş suwuny tutmak işleri dowam edýär. Maldarçylyk hojalyklarynda mallary talabalaýyk idetmek, olaryň baş sanyny artdyrmak we önüm berijiligini ýokarlandyrmak maksady bilen, mallar üçin ot-iýmleriň ätiýaçlyk goruny döretmek boýunça degişli işler geçirilýär. Ekerançylyk meýdanlarynyň suw üpjünçiligini we ýerleriň meliоratiw ýagdaýyny gowulandyrmak, suw serişdelerini tygşytly hem-de netijeli peýdalanmak, suwaryş, şor suw akabalaryny arassalamak işleri ýerine ýetirilýär.

### HIMIÝA KÄRHANALARY BÖKDENÇSIZ IŞLEDILMELIDIR

Mejlisde hormatly Prezidentimiz ýurdumyzda mineral dökünleri öndürýän zawodlary netijeli işletmäge, oba hojalyk önüm öndürijilerini mineral dökünler bilen öz wagtynda üpjün etmäge möhüm ähmiýet berilýändigini belledi. Şunuň bilen baglylykda, degişli wise-premýere «Türkmenhimiýa» döwlet konserniniň kärhanalarynyň maddy-tehniki binýadyny berkitmek, önümçilik kuwwatyny doly ulanmak boýunça netijeli işleri geçirmegi dowam etdirmek tabşyryldy.

### TÜRKIÝEDE ÝURDUMYZYŇ EKSPORT HARYTLARYNYŇ SERGISI GEÇIRILER

Türkiýe Respublikasynda Türkmenistanyň eksport harytlarynyň sergisini geçirmäge taýýarlyk görülýär. Sergide ýokary hilli, bäsdeşlige ukyply harytlar bilen birlikde, ýurdumyzyň eksport mümkinçilikleriniň täze maksatnamalaýyn ugurlary, maýa goýum taslamalary tanyşdyrylar. Sergä Türkmenistanyň eksport, maýa goýum ugurly pudaklarynyň, Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzalarynyň gatnaşmaklary göz öňünde tutulýar. Munuň özi söwda-ykdysady, maýa goýum, ulag-logistika we beýleki ugurlarda hyzmatdaşlygy giňeltmäge mümkinçilik döreder.

### TÜRKMENISTAN HALKARA ÇÄRELERE IŞJEŇ GATNAŞÝAR

Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisiniň barşynda döwlet Baştutanymyz dünýä ýurtlarynda geçirilýän halkara çärelere işjeň gatnaşmak maksady bilen, Russiýa Federasiýasynda geçiriljek halkara ykdysady foruma ýurdumyzyň wekiliýetiniň gatnaşmagy bilen bagly resminama gol çekdi.

### MEDENIÝET HEPDELIGI — DÖREDIJILIK BAÝRAMY

Medeniýet we sungat işgärleriniň hem-de Magtymguly Pyragynyň şygryýet güni mynasybetli şu ýylyň 22 — 27-nji iýuny aralygynda Ahal welaýatynda Medeniýet hepdeligini geçirmäge taýýarlyk görülýär. Hepdeligiň çäklerinde dürli mazmunly medeni çäreleri, şol sanda Nowruz ýaýlasyndaky «Türkmeniň ak öýi» binasynda Medeniýet hepdeliginiň açylyş dabarasyny, konsertleri, aýdym-sazly çykyşlary, maslahatlary, sergileri, döredijilik duşuşyklaryny, şygryýet agşamlaryny, filmleriň we sahna oýunlarynyň görkezilişini, Magtymguly adyndaky milli sazly drama teatry tarapyndan sahnalaşdyrylan «Şasenem-Garyp» operasynyň görkezilişini geçirmek göz öňünde tutulýar. Şeýle hem hepdelige gatnaşyjylaryň paýtagtymyzdaky «Magtymguly Pyragy» medeni-seýilgäh toplumynda beýik şahyryň ýadygärligine gül goýmak dabarasyna gatnaşmaklary meýilleşdirilýär.

### SPORT — PARAHATÇYLYGYŇ ILÇISI

Şu ýylyň 15 — 19-njy iýuny aralygynda paýtagtymyzda geçirilýän küşt boýunça halkara ýaryşa taýýarlyk görülýär. Sport arkaly parahatçylygy dabaralandyrmakda Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň möhüm wakasyna öwrüljek bu ýaryşa dünýäniň köp sanly döwletlerinden, şeýle-de Türkmenistandan 8, 10 we 12 ýaşly türgenler gatnaşarlar. Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň halkara sport abraýyny has-da ýokary derejelere galdyrmak, türkmen sportuny ösdürmek ugrunda netijeli işleriň alnyp barylýandygyny, dürli derejedäki halkara sport ýaryşlarynyň yzygiderli geçirilýändigini belledi. Şunuň bilen baglylykda, degişli wise-premýere Aşgabat şäherindäki Ýöriteleşdirilen küşt we şaşka mekdebinde sportuň küşt görnüşi boýunça türgenleriň arasyndaky halkara ýaryşa gowy taýýarlyk görmek we ony ýokary derejede geçirmek tabşyryldy.

### EKOLOGIÝA ABADANÇYLYGY — ÄHLUMUMY MESELE

Dürli döwletler we halkara guramalar bilen ekologiýa babatda hyzmatdaşlygy yzygiderli ösdürmek ýurdumyzyň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň

*(Dowamy 2-nji sahypada).*

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА РЕСПУБЛИКИ ИСЛАНДИЯ

Президент Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Президенту Республики Исландия г-же Халле Томасдоттир и всему народу страны по случаю национального праздника – Дня провозглашения Республики.

Пользуясь возможностью, глава государства выразил Президенту Халле Томасдоттир искренние пожелания крепкого здоровья и счастья, а народу Республики Исландия – мира, благополучия и процветания.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ВЫРАЗИЛ СОБОЛЕЗНОВАНИЯ РУКОВОДСТВУ РЕСПУБЛИКИ ИНДИЯ

ППрезидент Туркменистана Сердар Бердымухамедов направил соболезнования Президенту Республики Индия Драупади Мурму и Премьер-министру Нарендре Моди в связи с крушением пассажирского самолёта в городе Ахмедабад страны, повлёкшим многочисленные человеческие жертвы и увечья.

От имени народа и Правительства Туркменистана, а также от себя лично глава государства передал слова искреннего сочувствия и поддержки в этот тяжёлый момент родным и близким погибших, а также пожелания скорейшего выздоровления пострадавшим.

# PRESIDENT SERDAR BERDIMUHAMEDOV TOOK PART IN THE SECOND CENTRAL ASIA-CHINA SUMMIT




On June 17, 2025, President Serdar Berdimuhamedov paid a working visit to the Republic of Kazakhstan to take part in the second Central Asia-China Summit.

Before the Summit, President Serdar Berdimuhamedov held a bilateral meeting with the Chairman of the People's Republic of China Xi Jinping.

At the main entrance of the Independence Palace, the President of the Republic of Kazakhstan Kassym-Jomart Tokayev warmly welcomed the President of Turkmenistan. After the traditional joint photo ceremony, the heads of the delegations went to the conference hall, where the second Central Asia-China Summit was held.

The summit, chaired by the President of the Republic of Kazakhstan Kassym-Jomart Tokayev, was also attended by the Chairman of the People's Republic of China Xi Jinping, the President of the Kyrgyz Republic Sadyr Japarov, the President of the Republic of Tajikistan Emomali Rahmon, the President of Turkmenistan Serdar Berdimuhamedov and the President of the Republic of Uzbekistan Shavkat Mirziyoyev.

The agenda of the Summit included issues of strengthening regional cooperation, expanding political dialogue, deepening trade and economic relations, and interaction in the fields of transport, energy, and innovation.

Having welcomed the participants of the Summit, President Kassym-Jomart Tokayev expressed his heartfelt gratitude to the heads of delegations for participating in the high-level meeting and their continued support for regional cooperation.

Then the floor was given to the participants of the Summit.

President Serdar Berdimuhamedov, on behalf of the delegation of Turkmenistan, thanked the President of the Republic of Kazakhstan Kassym-Jomart Tokayev for the warm welcome and hospitality, and noted that the current meeting is intended to consolidate, continue and develop the important ideas and proposals presented at the previous Summit in Xi'an and the Xi'an Declaration adopted as a result.

As was emphasized, the Central Asian states and China act as the most important participants in continental and regional processes.

In the sphere of foreign policy, taking into account the current global situation, it was proposed to pay the closest attention to Turkmenistan's initiative to develop a Global Security Strategy under the auspices of the UN. In this regard, during the upcoming anniversary session of the UN General Assembly, it was proposed to initiate, within the framework of this format, a process of consultations on the development of a Global Security Strategy and discussion of its key provisions.

As emphasized, Turkmenistan sees extensive prospects for activating and expanding cooperation between Central Asia and China in the transport sector. Today, not only the conditions are maturing, but also the need to combine efforts, mobilize resources to create a modern, reliable and integrated transport and logistics system covering the territories of the Asia-Pacific region, South and Central Asia, the Middle and Near East.

In the energy sector, Turkmenistan also advocates for expanding cooperation within this format, sees serious prerequisites for this, the head of state continued, confirming his readiness to discuss issues of diversifying supplies of Turkmen natural gas.

As noted, the most important role in the joint economic prosperity of the countries of Central Asia and China is played by stimulating trade and commerce, creating joint ventures of various profiles.

Speaking about innovative cooperation, the head of state noted that Turkmenistan expects more focused attention to this area from Chinese partners.

The head of state invited the participants to think about organizing joint thematic festivals on a permanent basis and discuss the initiative to form a new platform for interaction in the field of culture, namely, the «Cultural Dialogue of Central Asia and China».

Expressing confidence in the continuation of an interested dialogue between the countries on the most important topics of the modern world order, President Serdar Berdimuhamedov invited all heads of state to participate in the International Forum scheduled for December this year in Ashgabat dedicated to the International Year of Peace and Trust, International Day of Neutrality and the 30th anniversary of Turkmenistan's permanent neutrality.

President Serdar Berdimuhamedov also thanked the Secretary General of the Secretariat of the Central Asia-China format Sun Weidong for his contribution to the successful holding of the current Summit.

President of Kazakhstan Kassym-Jomart Tokayev expressed gratitude to the head of Turkmenistan for the deeply meaningful speech and constructive proposals voiced.

As noted in the speeches, today Central Asia, which has huge reserves of natural resources, is strengthening its position as an important subject of international relations and trade, economic, investment and humanitarian cooperation.

At the same time, priority is given to partnership in the agricultural sector, including the introduction of advanced agricultural technologies and effective water-saving developments.

The Summit participants noted the importance of strengthening regional energy security and diversification of energy sources.

It was also emphasized that the transport and communications sector is one of the dynamically developing industries. In this context, the advisability of strengthening transcontinental transport interconnectivity and the most complete realization of the advantages of the region, which has a favorable geographical location, was discussed.

Following the Summit, the Treaty on Eternal Good-Neighborliness, Friendship and Cooperation between Turkmenistan, the Republic of Kazakhstan, the Kyrgyz Republic, the People's Republic of China, the Republic of Uzbekistan and the Republic of Tajikistan, the Astana Declaration of the Second Central Asia-China Summit were signed, and the Initiative to Create Favorable Conditions for Mutual Travel of Citizens within the Framework of the Central Asia-China Format was adopted.

After the signing ceremony, the opening of the Cooperation Center in the Central Asia-China format was announced and a corresponding video was shown.

Also, within the framework of the summit, the Agreement between the Ahal Velayat Hakimlik (Turkmenistan) and the People's Government of Shaanxi Province (People's Republic of China) on the establishment of sister city relations between the Ahal Velayat and Shaanxi Province was announced.

# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI

*(Başlangyjy 1-nji sahypada).*

biridir. Döwlet Baştutanymyzyň halkara we sebit derejesindäki forumlarda öňe sürýän möhüm başlangyçlary we teklipleri ýurdumyzyň bu ulgamda halkara işlerini yzygiderli pugtalandyrmak üçin berk esas bolup hyzmat edýär. Şu jähetden, mejlisiň dowamynda hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmek boýunça taýýarlanan birnäçe maglumatlar we teklipler beýan edildi:

- Hormatly Prezidentimiz Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasyndaky çykyşynda howa, tebigaty goramak meselelerine aýratyn üns berip, BMG-niň Merkezi Aziýa üçin bitewi ekologiýa strategiýasyny taýýarlamaga girişmegi teklip etdi. Şeýle hem döwlet Baştutanymyz 2023-nji ýylyň dekabrynda Dubaý şäherinde geçirilen BMG-niň Howanyň üýtgemegi baradaky Çarçuwaly konwensiýasyna gatnaşyjy taraplaryň 28-nji maslahatynda (COP28) döwletimiziň bu ugurlar boýunça garaýyşlaryny dünýä jemgyýetçiligine ýetirdi. Forumyň barşynda Türkmenistan halkara resminamalaryň birnäçesine goşulyp, häzirki wagtda ýurdumyzyň degişli ministrlikleri we pudak edaralary tarapyndan olardan gelip çykýan borçnamalary ýerine ýetirmek boýunça degişli işler alnyp barylýar. 2024-nji ýylyň noýabrynda Baku şäherinde geçirilen BMG-niň Howanyň üýtgemegi baradaky Çarçuwaly konwensiýasyna gatnaşyjy taraplaryň 29-njy maslahatynda (COP29) hem 9 resminama kabul edildi. Ýurdumyzyň bu maslahatyň resminamalaryna goşulmagynyň mümkinçiliklerine seretmek maksady bilen, olary öwrenmek boýunça şu ýylyň 21-nji iýunynda paýtagtymyzda daşky gurşawy goramak meseleleri boýunça pudagara toparyň mejlisini geçirmek teklip edildi.
- Häzirki wagtda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 80-nji sessiýasynda Türkmenistanyň ileri tutulýan garaýyşlaryny taýýarlamak boýunça işler alnyp barylýar. Mälim bolşy ýaly, ýurdumyz çölleşmäge garşy göreş babatda örän işjeň hereketleri amala aşyrýar. Bu ugurda 2024-nji ýylyň dekabrynda Er-Riýad şäherinde BMG-niň Çölleşmä garşy göreşmek boýunça Konwensiýasyna gatnaşyjy taraplaryň 16-njy maslahatynyň çäklerinde geçirilen «Bitewi suw» sammitine Gahryman Arkadagymyzyň gatnaşandygyny bellemek gerek. Bu forumyň ýörelgelerine esaslanyp, Baş Assambleýanyň öňümizdäki sessiýasyna hödürleniljek Türkmenistanyň ileri tutulýan garaýyşlaryna Merkezi Aziýa we onuň bilen goňşy döwletler üçin çölleşmäge garşy göreşmek boýunça sebit merkezini döretmek baradaky meseläni goşmak teklip edildi.
- Sebit hyzmatdaşlygy barada aýdylanda, bu ugurda Hazar hem-de Aral deňizlerini, umuman, Merkezi Aziýada ekologiýa meseleleri bilen bagly alnyp barylýan işleri bellemek bolar. Şunda Hazar sebitiniň ekologik howpsuzlygy baradaky mesele aýratyn üns çekilip, Hazarýaka döwletleriň daşary işler ministrleriniň duşuşygyny hem-de döwlet Baştutanlarynyň nobatdaky sammitini geçirmek boýunça işleri işjeňleşdirmek teklip edildi. Şeýle hem Hazar ekologik başlangyjynyň Konsepsiýasynyň taýýarlanylyp, ähli kenarýaka döwletleriň garamagyna iberilendigi aýdyldy.
- Türkmenistan sebitde 2021 — 2025-nji ýyllar üçin Aral boýunça Milli maksatnamany kabul eden ýeke-täk döwletdir. Şol resminamanyň amala aşyrylmagy, şeýle hem 2026 — 2030-njy ýyllar üçin täze maksatnamanyň taslamasynyň taýýarlanylmagy bilen bagly meseleleri ara alyp maslahatlaşmak üçin şu ýylyň 27-nji iýunynda Aşgabat şäherinde daşky gurşawy goramak meseleleri boýunça pudagara toparyň mejlisini geçirmek teklip edildi.
- Türkmenistan 2017 — 2019-njy ýyllarda Araly halas etmegiň halkara gaznasyna başlyklyk etdi. Ýurdumyzyň bu guramada başlyklyk etmeginiň Konsepsiýasynda Türkmenistanyň AHHG-nyň hukuk we guramaçylyk düzümini kämilleşdirmek boýunça tagalla etjekdigi barada nygtalýar. Bu ugurda degişli işler dowam etdirilýär. Şundan ugur alnyp, birnäçe teklipler beýan edildi. Hususan-da, milli derejedäki ekologiýa hyzmatdaşlygy babatda Türkmenistanyň Halkara suw akarlarynyň gämi gatnawsyz görnüşlerini peýdalanmagyň hukugy hakynda Konwensiýa goşulmagy baradaky meselä seretmegiň maksadalaýykdygy aýdyldy. Bu resminama degişli ulgamda hukuk düzgünlerini kesgitleýär. Bu meseläni şu ýylyň 5-nji iýulynda Türkmenistanyň Suw hojalygy baradaky döwlet komitetinde geçiriljek pudagara mejlisiň gün tertibine goşmak teklip edildi.
- Milli derejede halkara ekologiýa işlerini dowam etdirmek hem-de ýaşlar baradaky döwlet syýasatyny iş ýüzünde durmuşa geçirmek maksady bilen, ýurdumyzyň ýaşlaryny halkara ekologiýa hyzmatdaşlygyna işjeň çekmek göz öňünde tutulýar. Bu işleriň çäklerinde abraýly halkara guramalar, ilkinji nobatda, BMG-niň degişli edaralary bilen bilelikde Türkmenistanyň ýaşlarynyň howanyň üýtgemegi boýunça başlangyçlarynyň 2025-nji ýyl üçin «Ýol kartasy» işlenip taýýarlanyldy. Şunuň bilen baglylykda, bu resminamany tassyklamak üçin Hökümet derejesine çykarmak teklip edildi.

Görnüşi ýaly, Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisinde garalan meseleler we kabul edilen çözgütler halk bähbidine gönükdirilen döwletli başlangyçlaryň rowaçlyklara beslenýändigini görkezmek bilen, Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň her bir gününiň taryhy ähmiýetli wakalar bilen iň täze taryhymyza altyn harplar bilen ýazylýandygyny tassyklaýar.

Интернет газета
Международные новости

# ВЫСТУПЛЕНИЕ ПРЕЗИДЕНТА ТУРКМЕНИСТАНА СЕРДАРА БЕРДЫМУХАМЕДОВА НА САММИТЕ «ЦЕНТРАЛЬНАЯ АЗИЯ – КИТАЙ»

*(г. Астана, 17 июня 2025 года)*

***Уважаемый господин Президент Республики Казахстан,***

***уважаемые главы государств Китайской Народной Республики и Центральной Азии, уважаемые члены делегаций!***

Прежде всего, разрешите от имени делегации Туркменистана поблагодарить Президента Республики Казахстан уважаемого Касым-Жомарта Кемелевича Токаева за тёплый приём и оказанное гостеприимство.

Нынешняя встреча призвана закрепить, дать продолжение и развитие тем важным идеям и предложениям, которые были представлены на предыдущем Саммите в городе Сиань, и принятой по его итогам Сианьской Декларации.

Государства Центральной Азии и Китай выступают в качестве важнейших участников континентальных и региональных процессов. Наше сотрудничество в политико-дипломатической сфере оказывает конструктивное влияние на весь геополитический ландшафт в Азии, способствует созданию здесь предпосылок для устойчивого и долгосрочного мира, стабильности и безопасности.

Данный формат сотрудничества обуславливает наличие системных механизмов обмена мнениями, взаимодействия и координации по линии внешнеполитических ведомств, принятия выверенных дипломатических шагов на крупнейших международных площадках и форумах, прежде всего в Организации Объединённых Наций, в ряде региональных структур.

В сфере внешней политики, с учётом нынешней мировой обстановки предлагаем обратить самое пристальное внимание на инициативу Туркменистана о разработке под эгидой ООН Стратегии глобальной безопасности. Представленные нами политические, правовые и мировоззренческие основы этого документа, полагаю, соответствуют концептуальным подходам и взглядам участников нашего формата на будущее развитие и перспективы глобальных процессов. В частности, речь идёт о роли в них развивающихся стран, применении инструментов превентивной дипломатии, принципов нейтралитета, других миротворческих и переговорных платформ. Предлагаем в ходе предстоящей юбилейной сессии Генеральной Ассамблеи ООН инициировать в рамках нашего формата процесс консультаций по разработке Стратегии глобальной безопасности, обсуждения её сущностных положений. Полагаем целесообразным начать эту работу с партнёрами в Азиатской группе, подразумевая дальнейшее расширение состава участников консультаций. Были бы признательны за поддержку этого предложения.

Туркменистан видит обширные перспективы активизации и расширения партнёрства Центральной Азии и Китая в транспортной сфере. Стратегия Туркменистана «Возрождение Великого Шёлкового пути» предусматривает ключевую роль в ней стран Центральной Азии. Сопряжение её с инициативой Китая «Один пояс, один путь», на наш взгляд, содействует сближению и применению национальных транспортно-логистических возможностей в общих интересах. Нашим государствам объективно предназначена в этом глобальном начинании ключевая роль. Сегодня назревают не только условия, но и необходимость объединения усилий, мобилизации ресурсов для создания современной, надёжной и комплексной системы транспортно-логистического сообщения, которая охватывает территории Азиатско-Тихоокеанского региона, Южной и Центральной Азии, Среднего и Ближнего Востока.

В энергетической сфере Туркменистан также выступает за расширение взаимодействия в рамках нашего формата, видит для этого серьёзные предпосылки. В данном контексте мы готовы обсуждать вопросы диверсификации поставок туркменского природного газа.

Важнейшим компонентом энергетической составляющей сотрудничества является электроэнергетика. Здесь Туркменистан также выступает за расширение географии и объёмов поставок электроэнергии.

Несомненно, важнейшую роль в совместном экономическом процветании стран Центральной Азии и Китая играют стимулирование торговли и коммерции, создание совместных предприятий самого разного профиля.

Несколько слов об инновационном сотрудничестве. Рассчитываем на более акцентированное внимание к этому направлению со стороны китайских партнёров. Убеждены в том, что запуск совместных программ и проектов в применении искусственного интеллекта, спутниковых и космических исследований, цифровизации, информационных платформ, всей линейки программного обеспечения, по ряду других технологических сегментов способен серьёзным образом повысить эффективность нашего экономического сотрудничества.

С другой стороны, содействовать созданию на территории Центральной Азии устойчивого рынка технологических услуг, обмену специалистами и методиками, ускоренному развитию национальных технологических школ, которые непременно будут использованы на перспективу во взаимных интересах и выгоде. Эта стратегическая задача – инвестиция в будущее отношений Центральной Азии и Китайской Народной Республики в рамках большого проекта совместного развития и прогресса.

***Уважаемые участники!***

Высокая духовность, великая многовековая культура, истинные ценности – всё это составляет основу и незыблемый фундамент сотрудничества, исторической и нынешней близости, взаимопонимания и симпатии народов Центральной Азии и Китая.

Предлагаем подумать над организацией на постоянной основе совместных тематических фестивалей культуры и искусств, которые бы поочерёдно проводились в одной из наших стран. Исходя из этого, выносим на обсуждение инициативу о формировании новой платформы взаимодействия в области культуры, а именно – «Культурный диалог Центральной Азии и Китая». В случае принципиального согласия глав государств можно будет дать соответствующие поручения о разработке модальностей такой платформы профильным ведомствам.

***Уважаемые главы государств!***

Как известно, решением Генеральной Ассамблеи ООН 2025 год по инициативе Туркменистана объявлен «Международным годом мира и доверия».

Надеюсь на продолжение заинтересованного диалога между нашими государствами по важнейшим темам современного мироустройства, о путях решения существующих глобальных проблем, достижения согласия и понимания на глобальной арене в ходе намеченного на декабрь нынешнего года в Ашхабаде крупного Международного форума, посвящённого Международному году мира и доверия, Международному дню нейтралитета и 30-летию постоянного нейтралитета Туркменистана.

Я имею честь уважительно пригласить всех глав государств к участию в этом значимом мероприятии.

В заключение хотел бы выразить твёрдую и неизменную приверженность Туркменистана самому тесному взаимодействию в формате «Центральная Азия – Китай», убеждённость в колоссальных возможностях, которые он открывает перед нашими народами и государствами в деле совместного развития, мира и процветания.

Я также адресую слова благодарности Генеральному секретарю Секретариата формата «Центральная Азия–Китай» господину Сунь Вэйдуну за вклад в успешное проведение нынешнего Саммита.

## Meeting of the President of Turkmenistan with the Chairman of the PRC



On June 17, 2025, as part of the working visit to the Republic of Kazakhstan, President Serdar Berdimuhamedov met with Chairman of the People's Republic of China Xi Jinping.

After warmly greeting each other, the head of state and the Chairman of the PRC expressed satisfaction with the opportunity to meet on the sidelines of the Central Asia-China Summit and discuss the main aspects of bilateral relations.

Noting that China highly values the traditionally friendly relations and mutually beneficial strategic partnership with Turkmenistan, Chairman of the People's Republic of China Xi Jinping expressed confidence that the current meeting would give new impetus to interstate cooperation. Taking the opportunity, the leader of China addressed warm greetings and best wishes to the National Leader of Turkmen people, Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan.

Thanking for the kind words and conveying warm greetings to the Chairman of the People's Republic of China from the National Leader of Turkmen people, Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan, President Serdar Berdimuhamedov emphasized that such high-level meetings are always an important and significant event in the history of interstate relations.

As the head of state noted, such meetings allow discussing the state of bilateral cooperation and exchanging opinions on international issues. Such dialogue confirms the continuity of the strategic partnership between Turkmenistan and China, which is growing stronger every year and covers new areas.

As emphasized, on the international platform Turkmenistan and China are combining efforts for peace and stability and adhere to the norms of the UN Charter. Turkmenistan highly appraises China's support for the neutral status and initiatives of Turkmenistan in the sphere of regional security, energy and transport cooperation, as well as ecology. In turn, Turkmenistan resolutely supports China's initiatives. During the meeting, priority areas of bilateral cooperation in

***(continued on page 4)***

## Meeting of the President of Turkmenistan with the Chairman of the PRC

*(beginning on page 3)*

the trade, economic, energy, cultural and humanitarian spheres were also discussed.

The interlocutors also noted the strategic nature of the fuel and energy sector and emphasized the importance of continuing it on the basis of mutual benefit and equal partnership.

As noted, Turkmenistan is in favor of expanding trade and economic ties, where there are extensive prospects for increasing cooperation in the textile industry, railway transport and agriculture.Particular attention was paid to cooperation in the transport sector. The interlocutors exchanged views on the prospects for establishing sustainable interregional transport and transit corridors.

The cultural and humanitarian sphere was also recognized as an integral part of Turkmen-Chinese relations. Turkmenistan and China actively cooperate in the fields of science, education, culture and art, which contributes to the rapprochement and mutual enrichment of the cultures of the two peoples.

A separate topic of discussion during the meeting was issues of interaction in the international arena. In this context, the head of state noted Turkmenistan's initiative to form a Global Security Strategy under the auspices of the UN.

In this regard, President Serdar Berdimuhamedov expressed confidence that a substantive discussion of this topic will take place at the upcoming International Forum in Ashgabat in December 2025, dedicated to the International Year of Peace and Trust and the 30th anniversary of Turkmenistan's neutrality.

The Chairman of the PRC noted that the Chinese side supports the constructive proposals put forward by Turkmenistan for the sake of peace and sustainable development in the regional and global dimensions.

Congratulating the UN General Assembly on the declaration of 2025 as the "International Year of Peace and Trust" on the initiative of Turkmenistan, as well as on the 30th anniversary of Turkmenistan's neutrality, the Chairman of China Xi Jinping invited the head of state to take part in the next Summit of the Shanghai Cooperation Organization.

Taking this opportunity, President Serdar Berdimuhamedov invited Chinese President Xi Jinping to visit Turkmenistan at any convenient time.

The interlocutors also emphasized the importance of the Central Asia-China format as one of the effective forms of international cooperation. In this regard, the Chairman of China Xi Jinping noted the importance of the proposals put forward by President Serdar Berdimuhamedov at the first Summit of this format.

At the end of the conversation, the leaders of two states exchanged mutual good wishes, expressing confidence in the further development of mutually beneficial partnership in the interests of two friendly countries and their peoples.

Following the meeting with the participation of President Serdar Berdimuhamedov and Chairman of the People's Republic of China Xi Jinping, a ceremony was held to announce the Agreement on Technical and Economic Cooperation between the Government of Turkmenistan and the Government of the People's Republic of China.

## Türkmenistan bilen Gonduras Respublikasynyň arasynda diplomatik gatnaşyklar ýola goýuldy




2025-nji ýylyň 12-nji iýunynda Nýu-Ýork şäherinde Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky hemişelik wekilhanasynda Türkmenistan bilen Gonduras Respublikasynyň arasynda diplomatik gatnaşyklary ýola goýmak hakynda Bilelikdäki komýunike gol çekişlik dabarasy geçirildi.

Gol çekişlik dabarasyndan öň Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekili Aksoltan Ataýewa bilen Gonduras Respublikasynyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekili Meri Elizabet Floresiň arasynda duşuşyk geçirildi. Taraplar iki ýurduň arasyndaky dostlukly gatnaşyklary pugtalandyrmaga, şeýle hem halkara guramalarynyň, hususan-da BMG-niň çägindäki özara gatnaşyklary öz içine almak bilen ikitaraplaýyn syýasy, ykdysady we ynsanperwer hyzmatdaşlygy ösdürmäge uly gyzyklanma bildirýändiklerini tassykladylar.

Duşuşygyň ahyrynda taraplar Türkmenistanyň we Gondurasyň hökümetlerini hem-den halklaryny diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýulmagy bilen gutladylar.

## Political consultations were held between the Ministries of Foreign Affairs of Turkmenistan and Bolivarian Republic of Venezuela

On July 13, 2025, political consultations were held at the MFA of Turkmenistan between the Ministries of Foreign Affairs of Turkmenistan and Venezuela. The Turkmen side was headed by Deputy Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan Myahri Byashimova, and the Venezuelan delegation was headed by Deputy Minister of Foreign Affairs of the Bolivarian Republic of Venezuela Tatiana Pugh Morena.

During the talks, a constructive exchange of views on the bilateral agenda took place, the level of political and diplomatic dialogue between the two countries, as well as the implementation of previously reached agreements were discussed. It was stated that cooperation between Turkmenistan and Venezuela is developing on the basis of the principles of mutual respect, equality and mutually beneficial partnership.

Noting the importance of bilateral contacts within the framework of various visits and international events, M. Byashimova emphasized the importance of such discussions for identifying specific areas of cooperation.

The parties noted with satisfaction the positive experience of interaction between the two countries on international platforms, in particular within the UN, where they provide mutual support and co-author significant international initiatives.

A common desire was expressed to intensify trade and economic cooperation, including in such areas as energy, oil and gas industry, green technologies and agriculture.

Special attention was paid to the prospects for developing cooperation in the field of culture and education. Possible initiatives for exchanging cultural programs, organizing joint educational projects aimed at strengthening cultural and humanitarian ties were discussed.

During the meeting, the parties also discussed the preparation and holding of events dedicated to the 30th anniversary of the establishment of diplomatic relations between Turkmenistan and Venezuela.

***

On the same day, a signing ceremony of the Memorandum of Understanding on the establishment of political consultations mechanism between the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan and the Ministry of People's Power for Foreign Affairs of the Bolivarian Republic of Venezuela took place in the building of the MFA of Turkmenistan.

# НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

### *Обсуждены перспективы информационного взаимодействия с корейским изданием Diplomacy Journal*

12 июня в Сеуле состоялась встреча между представителями Посольства Туркменистана в Республике Корея и Ли Джон Ёном, издателем и главным редактором англоязычного корейского издания Diplomacy Journal. Стороны обсудили подготовку специальной статьи о Туркменистане для публикации в ближайшем номере журнала, а также перспективы информационного сотрудничества.

Во время встречи были затронуты вопросы освещения достижений Туркменистана под руководством Президента Сердара Бердымухамедова и Национального Лидера туркменского народа, Председателя Халк Маслахаты Гурбангулы Бердымухамедова. Особое внимание было уделено прогрессу страны в таких сферах, как образование, наука, культура, промышленность, торгово-экономическое сотрудничество и туризм.

Отдельно была подчёркнута значимость развития политических и дипломатических связей между Туркменистаном и Республикой Корея. В этом контексте отмечена важность мероприятий, приуроченных к 30-летию постоянного нейтралитета Туркменистана.

### *Главы железнодорожных ведомств Туркменистана Узбекистана и Ирана провели переговоры*

В рамках 82-го заседания Совета по железнодорожному транспорту государств-участников Содружества состоялись трехсторонние переговоры между руководителями железнодорожных администраций Туркменистана, Узбекистана и Ирана.

На встрече были обсуждены вопросы развития международного мультимодального транспортного коридора «Узбекистан - Туркменистан - Иран» по направлению в страны Европы в целях привлечения дополнительных объемов железнодорожных перевозок и повышения эффективности логистики.

По итогам переговоров между сторонами был подписан соответствующий Протокол.

*Материалы подготовлены на основе интернет-источников.*